# GALYNDYSYZ YKDYSADYÝET: NAZARYÝET, KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK WE MILLI TEJRIBE

**Ruslan JUMAÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy*

**Gysgaça beýan**

Dünýäde tebigy serişdeleriň paýlanylyşy gyradeň däldir. Tebigy serişdeleriň çäklidigini göz öňünde tutup, dünýä döwletleri tebigy serişdeleri özleşdirmek, gaýtadan işlemek we gorlardan bilelikde peýdalanmak ýaly köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze nusgalaryny döredýärler. Olaryň hatarynda galyndysyz ykdysadyýetiň nusgasy mynasyp orun eýeleýär. Häzirki wagtda Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek boýunça ählumumy Çarçuwaly maksatnamany işläp taýýarlamak meselesini Türkmenistan döwletimiz dünýä jemgyýetçiliginiň möhüm wezipeleriniň biri hasaplaýar. Şunuň bilen baglylykda, ylmy makalada galyndysyz ykdysadyýetiň ýüze çykmagy, onuň nazaryýet esaslary, aýry-aýry döwletleriň tejribesi hem-de Türkmenistanyň bu ugurda öňe sürýän halkara başlangyçlary we milli tejribesi beýan edilýär.

**Esasy sözler:** galyndysyz ykdysadyýet, durnukly ösüş, Birleşen Milletler Guramasy, çyzykly ykdysadyýet, strategiýa, galyndysyz önümçilik, ekologiýa, ýaşyl ykdysadyýet, innowasiýa.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryndaky ornuny pugtalandyrmak, ösüşiň milli nusgasyny kämilleşdirmek, Türkmenistanyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyny ösdürmek derwaýys wezipeleriň biridir. Barha çylşyrymlaşýan dünýä ykdysadyýetinde döwletiň daşarky bähbitleriniň üpjün edilmegi, ähli umumy meseleler babatynda hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasynda amala aşyrylýar. Bu barada Gahryman Arkadagymyz "Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda" atly kitabynda şeýle belleýär: "Biziň ýurdumyz köptaraplaýyn derejede, dürli ugurlarda özara hereketleriň takyk algoritmini tapdy, şonda hem global we sebitara meseleler boýunça ylalaşylan takyk çemeleşmeler işlenilip düzüldi" [1]. Häzirki wagtda şeýle çemeleşmeler daşky gurşawa aýawly garamak, durmuş abadançylygyny üpjün etmek hem-de serişdeleri rejeli ulanmagyň täze nusgalaryny döretmek ýaly durnukly ösüşi gazanmak boýunça meseleleriň çözgüdinde aýdyň ýüze çykýar.

Türkmenistan dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen dürli görnüşlerde özara gatnaşyklaryny yzygiderli giňeldip, daşary syýasy strategiýasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly ähmiýet berýär. Döwletimiz tarapyndan Durnukly ösüş maksatlarynyň (DÖM) ählisi kabul edilip, 148 sany wezipe we 175 sany görkeziji millileşdirildi. Şunda döwletimiz daşky gurşawy goramak, çölleşmä, howanyň üýtgemegine we beýleki ýaramaz ekologik meselelere garşy çykyş etmekde tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak hem-de olaryň ýetirýän oňaýsyz täsirlerini ýok etmek bilen baglanyşykly ulgamlara halkara taslamalary hem-de maýa goýumlary çekmek üçin işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrýar [2].

Ýurdumyzyň DÖM babatda gazanan esasy üstünlikleri 2019-njy ýylyň 18-nji iýulynda we 2023-nji 19-njy iýulynda Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) edara binasynda durnukly ösüş boýunça geçirilen ýokary derejeli forumlarda hödürlenen Meýletin milli synlarda beýan edildi. Synda DÖM-niň görkezijilerini milli derejede uýgunlaşdyrmakda döwletimiziň gazanan üstünlikleri, şeýle hem Türkmenistanyň sebitleýin we dünýä derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlary beýan edildi. Hususanda, ulag, energetika we daşky gurşawy goramak ýaly möhüm ugurlara aýratyn üns berildi. Munuň özi galyndysyz ykdysadyýete geçmekligi hem göz öňünde tutýar.

Bilşimiz ýaly, galyndysyz ykdysadyýet galyndylaryň gaýtadan işlenilmegine hem-de beýleki hapalanmagy azaldýan önümlere we hyzmatlara ünsi gönükdirip, nusgawy çyzykly önümçilik nusgasyny üýtgetmegi maksat edinýär (*1-nji şekil*). Galyndysyz ykdysadyýetiň esasy ýörelgeleri çeşmeleriň täzelenmegine, ikinji derejeli çig malyň gaýtadan işlenmegine we gazylyp alynýan ýangyçlardan dikeldilýän energiýa çeşmelerine geçmeklige esaslanýar.




**1-nji şekil. Çyzykly ykdysadyýetiň nusgasy**

Galyndysyz ykdysadyýet, köplenç, çyzykly ýa-da açyk ykdysadyýet bilen deňeşdirilýär. Ykdysadyýetiň adaty nusgasyna ägirt uly galyndylaryň, hapalanmalaryň we ýitgileriň mahsusdygy, onuň daşky gurşawa ýaramaz täsir edýändigi barada dürli çeşmelerde bellenilýär. Çyzykly ykdysadyýet nusgasy «döretmek–peýdalanmak–galyndylar» ýörelgesine esaslanýar. Senagat öwrülişiginden soňra dünýäde tebigy serişdeleriň ulanylyşy düýpli artyp başlady. Ýyl geçdigiçe jemgyýetde ilatyň serişdeleri sarp etmek isleginiň depgini peselmeýär. Geljekde şeýle meýliň saklanmagy bilen Ýer togalagynyň käbir serişdeleriniň doly sarp ediljekdigi çaklanylýar. Tebigy baýlyklaryň ýetmezçiliginiň artmagy, galyndylaryň toplanmagy, daşky gurşawyň hapalanmagy (atmosfera zyňyndylar, zyýanly galyndylaryň gömülmegi, ummanlaryň hapalanmagy), öz gezeginde, ulanylýan serişdeleriň mukdaryny azaltmaga, çig mallary we önümleri netijeli peýdalanmaga, galyndylaryň mukdaryny we olaryň gömülýän meýdanlaryny azaltmaga mümkinçilik berjek täze ykdysady nusga geçmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Şonuň üçin hem bu ýagdaýdan çykalgany aýry-aýry ýurtlaryň hökümetleri, halkara guramalary, işewürligiň wekilleri «döretmek–ulanmak–gaýtadan peýdalanmak» ýörelgesine esaslanýan galyndysyz ykdysadyýete geçmekde görýärler (*2-nji şekil*).




**2-nji şekil. Galyndysyz ykdysadyýetiň nusgasy**

Galyndysyz ykdysadyýete belli bir derejede galyndysyz ýa-da az galyndyly ykdysadyýet düşünjesini özünde jemleýän ykdysadyýetiň nusgasynyň indiki tapgyry hökmünde seredilýär. Munuň nazaryýet esaslary dürli alymlaryň işlerinde beýan edilýär. K.Bouldingiň «Ýer älem gämisi» atly işinde daşyndan serişdeleriň gelmeýändigi sebäpli, ýaşaýyş üçin zerur ähli çeşmeleriň içerki aýlanyşykda bolmalydygy bellenilýär. 1972-nji ýylda «Ösüşiň çäkleri» kitabynda awtorlar D.Medouz we Ý.Randers netijeli ulanmak we gaýtadan işlemek üçin önümleri öndürmegiň zerurlygyny beýan etdiler. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda alymlar U.Stahil, M.Braungart we W.MakDonah ykdysadyýetiň ýapyk zynjyr hökmünde işlemegi baradaky pikiri orta çykaryp, onuň kompaniýalaryň bäsdeşlige ukyplylygyna, serişdeleri tygşytlamaklygyna, täze iş ýerleriniň döredilmegine we galyndylary azaltmaga edýän täsirini ylmy taýdan

öwrendiler [4]. «Galyndysyz ykdysadyýet» adalgasy bolsa alymlar D.Pirs we K.Turner tarapyndan «Tebigy serişdeleriň we daşky gurşawyň ykdysadyýeti» atly kitabynyň neşir edilmegi bilen ylmy dolanyşyga girizildi [5].

Galyndysyz ykdysadyýetiň ösdürilmegi üçin, köplenç, halkara tejribesinde 4R ýörelgesi ulanylýar: galyndylary azaltmak (reduce), gaýtadan ulanmak (reuse), gaýtadan işlemek (recycle), gaýtadan dikeltmek (renew).

Şeýlelik bilen, galyndysyz ykdysadyýet – bu galyndylary azaltmaga, serişdeleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga we önümçilik gatnaşyklarynda ýapyk görnüşli aýlanyşykly döwürleri döretmäge gönükdirilen ykdysadyýetiň täze nusgasydyr. Alymlar galyndysyz ykdysadyýetiň ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagy bilen dünýä ykdysadyýetiniň ýyllyk girdejisiniň goşmaça 1 trln. ABŞ dollaryna çenli ýokarlanjakdygyny, hyzmatlar ulgamynda 50 mln-a golaý täze iş orunlarynyň döredjekdigini, kömürturşy gazynyň zyňyndylarynyň 39 göterime we tebigy çig mallaryň ulanylýan möçberiniň 29 göterime çenli azaljakdygyny, sarp ediş ulgamynda 700 mlrd. ABŞ dollaryna golaý serişdeleriň tygşytlanjakdygyny belleýärler. Bu beýan edilen ähli umumy meseleler bilen baglylykda bolsa, häzirki wagtda dünýäniň aýry-aýry ýurtlarynda galyndysyz ykdysadyýete geçmekde dürli çemeleşmeler ulanylyp, zerur kanunçylyk namalary, konsepsiýalar we degişli resminamalar kabul edilýär. Mysal üçin, Hytaýda galyndysyz ykdysadyýeti ösdürmek üçin kanun kabul edildi; Koreýa Respublikasynda ýaşyl ösüş strategiýasyny kabul etdi. Şuňa meňzeş maksatnamalar Ýaponiýada, Germaniýada we Şweýsariýada hem bar. Niderlandlar Patyşalygy we Daniýa ýaly Ýewropa ýurtlary bolsa innowasiýalary höweslendirmek üçin galyndysyz syýasaty durmuşa geçirýärler (*tablisa*).

*Tablisa*

**Käbir döwletleriň galyndysyz ykdysadyýete geçmek boýunça kabul eden milli strategiýalary**

| Ýyly | Strategiýalar/maksatnamalar |
|---|---|
| 2018 | Gresiýada durnukly önümçilik we sarp ediş üçin galyndysyz ykdysadyýetiň nusgasyna geçmek |
| | Daniýanyň galyndysyz ykdysadyýet üçin Strategiýasy |
| | Kanadanyň nol plastik zyňyndyly Strategiýasy we ony amala aşyrmagyň Meýilnamasy |
| | Lýuksemburgyň tebigy baýlyklary we galyndylary dolandyrmak boýunça milli Meýilnamasy |
| | Sloweniýanyň galyndysyz ykdysadyýete geçmek boýunça Ýol kartasy |
| | Fransiýanyň galyndysyz ykdysadyýete geçmek boýunça Ýol kartasy |
| 2019 | Nol zyňyndy boýunça Singapur meýilnamasy |
| | Polşanyň Ýol kartasy: Galyndysyz ykdysadyýete tarap özgerme |
| 2020 | Şwesiýanyň galyndysyz ykdysadyýet boýunça milli Strategiýasy |
| | Galyndysyz Ispaniýa 2030: galyndysyz ykdysadyýetiň ispan nusgasy |
| 2021 | BAE-niň galyndysyz ykdysadyýet boýunça syýasaty |
| | Irlandiýanyň galyndysyz ykdysadyýet boýunça Strategiýasy |
| | “Ýaşyl” galyndysyz ykdysadyýeti ösdürmek boýunça Norwegiýanyň Strategiýasy |

Türkmenistan halkara jemgyýetçiligine Garaşsyz, Bitarap döwlet hökmünde goşulmak bilen, daşky gurşawy goramak boýunça halkara ylalaşyklaryndan gelip çykýan halkara borçnamalaryna ygrarlydygyny yzygiderli beýan edýär. Munuň özi DÖM-i amala aşyrmakda, hususan hem, daşky gurşawy goramak çygrynda Türkmenistanyň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň netijeli hem ulgamlaýyndygyny aýdyň görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, galyndysyz ykdysadyýetiň ýörelgelerini ýurdumyzda ornaşdyrmak boýunça tutumly işler alnyp barylýar. Bu ugurda halkara tejribesine laýyklykda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmak, dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmak, galyndysyz önümçilikleri döretmek, ekologiýany goramak, tebigy maýany aýawly saklamak boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan netijeli içeri syýasat durmuşa geçirilýär.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň wekiliýeti 2024-nji ýylyň 11–14-nji fewraly aralygynda Dubaý şäherinde geçirilen Bütindünýä hökümet sammitine gatnaşdy. Dünýäniň 120-den gowrak döwletinden, 80-den gowrak halkara guramadan, iri kompaniýalardan wekilleriň gatnaşan bu halkara forumynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiziň halkara derejede öňe süren başlangyçlaryndan ugur alnyp, ählumumy çemeleşmeler esasynda amala aşyrylmagy teklip edilýän üç mesele barada çykyş edildi. Hususan hem, Durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň ileri tutulýan ugurlaryna esaslanyp, ýapyk aýlanyşykly, ýagny sirkulýar ykdysadyýete geçmek boýunça ählumumy Çarçuwaly maksatnamany işläp taýýarlamak meselesi bellenildi. Bu maksatnama döredilende, dört sany esasy ugra daýanmak meýilleşdirilýär. Olara umumy standart görkezijiler we hasabatlylyk, wajyp gorlar boýunça halkara hyzmatdaşlyk, galyndysyz ykdysadyýetiň tehnologiýalarynyň bütindünýä innowasiýa gaznasyny döretmek, bu ugurdaky mümkinçilikleri artdyrmak we bilim alyş-çalşygyny ýola goýmak degişlidir. Türkmenistan halkara we sebit derejesinde Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek işinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmek ugrunda çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek boýunça ählumumy Çarçuwaly maksatnamany döretmek baradaky başlangyjy BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisinde hem dünýä jemgyýetçiligine ýetirildi.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» ýurduň ösüşiniň ýaşyl ugruny, serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagyny (sirkulýar ykdysadyýet) ýokary derejede ulanmagy göz öňünde tutýan güýçli durnuklylyk modeli goýlandygy bellenilýär [3]. Häzirki wagtda Türkmenistanyň galyndysyz ykdysadyýete geçmegini üpjün etmek maksady bilen şu aşakdaky işleri durmuşa geçirmek zerurdyr:

1. Galyndysyz ykdysadyýet çygrynda kanunçylyk we kadalaşdyryş. Galyndysyz ykdysadyýet boýunça kanunçylyk binýady kemala getirmek, degişli maksatnamany işläp düzmek hem-de gaýtadan işlemegi ornaşdyrýan kärhanalara ýeňillikleri göz öňünde tutýan ykdysady kadalaşdyryş we höweslendiriş çärelerini ulanmak.

2. Maýa goýum we maliýeleşdiriş gurallaryny ösdürmek. Galyndysyz önümçiligi döretmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek hem-de galyndysyz ykdysadyýet ulgamynda ylmy barlaglary geçirmek, şeýle hem galyndylary ýygnamak we gaýtadan işlemek üçin infrastrukturany döretmek maksady bilen, kärhanalara maliýe goldawyny bermek.

3. Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy we bilim. Galyndysyz ykdysadyýet bilen bagly öňdebaryjy halkara tejribesini öwrenmek, ilaty habarly etmek, bilim maksatnamalarynda galyndysyz ykdysadyýet bilen bagly okuwlary girizmek, döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň täze nusgalaryny ornaşdyrmak.

Umuman, dördünji senagat öwrülişiginiň bir bölegi hasaplanýan galyndysyz ykdysadyýetiň ýörelgeleriniň ýurdumyzyň ykdysadyýetine ornaşdyrylmagy bilen tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmagyň derejesi ýokarlanyp, ykdysadyýetiň uzak döwür üçin ösüşini dowamly üpjün eder hem-de netijeli sarp edişiň we işewürligiň täze nusgalarynyň kemala gelmegine ýardam berer.

## EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

2. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.

3. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.

4. McDonough W., Braungart M. Cradle to Cradle: Remaking the Way We Make Things. North Point Press. 2002.

5. Pearce D.W., Turner R.K. Economics of Natural Resources and the Environment. Johns Hopkins University Press. 1990.